# Şrek / nowella

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Şrek / nowella ŞREK

Ata-enesiniň dakan ady Şirmet bolsa-da obanyň adamlary oňa Şirmet döw diýip lakam berdiler. Daýaw göwresiniň üstesine garasöýmez häsiýeti bilen bu lakam oňa şaplaşyp dur. Oba adamlary ondan biraz çekeräk duranlaryny kem görenoklar, ol hem kän bir toý-märekä gatnaşyp ýöreňňeç däldi.
Polat kethuda aýtmyşlaýyn, ugrunu tapsaň Şirmet döwden gowy adam ýok, nähili agyr işiň bar bolsa şoňa buýraýmaly. Ýöne oňa kän bir gulak asýanam ýok. Şirmet hem özugruna iş-güýjüne güýmenip, oý-pikiri bilen içini hümledip ýör. Işim bardy, ýetişemok, kömek et diýip haýyş bilen ýüzlenseň boýun towlap duranok, hak-heşdeginem göwnüňden çykaranyňy beriber diýer. Kes-kelläm eden işine baha kesmez.
Onuň esasy pikir-küýi gowja ýerden mellek edinmek. Ýogsa merhum agasynyň ýeten ogullarynyň arasynda ýaşamakdan, olaryň bolgusyz hereketlerinden bokurdagyna çenli doýupdy.
Özüni aýratyn mellek gerekdigi hakynda ol oba arçynyna hem niçezar duýdurdy. Arçyn ýok diýenok, garaş diýýär. Häzir bir amatly ýerem ýok-how saňa, döw düşünäýsene. Seniň ýaly adama giňiş meýdan gerek. Şirmet böwrüne diň salyp kän durýar. Soňam “Arçyn, özüňe goýan ýeriňden diýemok telli-pelli ekip-tikip bolsa ýeter, onsaňam maňa bir sümelge edinmek gerek” diýip, ýene hemişeki aýdýan sözüni gaýtalar.

***

– Şirmet egin-eşiginede kän bir seredip ýörenok. Nahar dannawam ýok. Ony öýünde işledýän Gülsona kempir ýöne bir kersen mäşewedenem doýanok bi peläket diýip ýakasyny tutýar.
– Ony diýseň bäş adama derek işleýär-ä gyz- diýip, onuň goňşusy Enar hemişe Şirmet döwüň arkasyny alýar.
– Arkasyny almanam alar-diýip, üçinji bir heleý-gözleri gök

nowça ýaly Läle Enaryň ýok ýerinde aýbyny açan bolýar.-O nemele, Enar bar-a, Şirmet döwi diňe äri guma giden döwürleri işledýär. Gara döw bilen jöweniň içine girip barýanynam gören bar, jöweniň içinden çykyp barýanlarynam gören bar.
Bu geplere ynanyp bilmän oturan başga bir aýal:
– Goýsaňyzlaň-diýip, ellerini daldalatdy.-Şirmet döw çaga ýaly bir zat, men-ä şonuň biraz aňy hem gowşakmy diýýän.

***

Dogry, Şirmet döw çaga ýaly öz dünýäsine gümra adam. Ýöne çagalar bilen arasy ýok. Arasy ýok bolup onuň çagalar bilen işi ýok, emma çagalaryň oňa jyny düşen. Neneňdir köçäniň başynda Şirmet göründigi bary toplanyp gygyryşyp başlarlar. Özlerem ýöne gygyranoklar, Şirmet döw gelýär, haw döw gelýär diýşip gygyryşýarlar. Käbiri-ä oňa golaý baryp “Döw aga meni iýeňok dälmi?” diýip bälçireýär.
Çagalaryň bu çenden çykma bezzatlygyna Şirmediň gahary gelýär, emma näçe gözlerini alartsa-da teý geplänok.
Soňky döwür çagalar Şirmedi multfilmiň gahrymanyna meňzedip, oňa Şrek diýmäge başladylar.

***

Şirmet bir ýyla golaý oba arçynynyň giň mülkünde işledi. Muzduny soramady. Äpet pili bilen baglaryň arasyny agdaryp-depip çykdy, pellere bölüşdirip künji-mäş ekdi. Bir uly atyza ýazlyk bugdaýyň tohumy bilen garyşdyryp ýorunja sepdi. Soňra kätmen bilen pel çekip hyýar-pomidor burç-sogan ekdi. Melleginiň bir böleginde gawun-garpyz, kädi gögertdi.
Arçyn melleginiň bir çetinde durup, birenaýy bolup ösüp oturan gök-bakjasyna seredip, monça boldy. “Tüweleme, Şirmet diýen adam gara ýeriň gämisi diýen ýaly bir zat-how,-diýip, badyhowa ýyljyraklap başyny ýaýkady.-Ýere labyryny taşlapdyr, indi ýerden zer alman gozganmaz, tüweleme”. Soňra özi bilen özi bolup işläp ýören Şirmede haýpy gelen arçyn “Gel şuňa bir giňiş ýerden mellek bereýin-le-diýdi.-Ýagşylyk menden galsyn, bu hem ahyr ýaşynda kösenip ýörmesin”.

***

Daýhan birleşigiň ýer ölçeýänine Mämmet ýer diýýäler. Ol elindäki atanagy bilen gamyş-hyşa basyp ýatan kölüň gyrasyna gelip biraz sägindi. Kellesindäki kepkasyny çykaryp, ýylçyr maňlaýyny gaşady. Ýeňsiz köýneginiň ýokarky iliklerini ýazdyrdy.
– Be-e, Şirmet döwe bu kölüň içinden ýer bermek arçynyň nädip kellesine gelip ýörkän-aý. Bu ýerden nädip atanak urjak, nädip ýer berjek.
Oba tarapdan uzyn-uzyn ädimläp gelýän Şirmet döw göründi. Mämmet ýer sesini çykarman ony synlap duşuna “Arçynda ynsap ýog-aý-diýip içini gepletdi.-Bir işi bolsa bu bendäni eşek edip münýär, indi ýer bermeli ýerinde ine edýän işi. Batgalygyň içinde, gamyş basyp ýatan bir händegi mellek diýip berdirjek bolýa, eý Hudaý, bi arçyn diýilýän deýýus hökümediň ýerini bir gysganmanynda bolanokmyka”?!

***

Batgalyk kölüň ortarasyndaky bir parça gurak ýerde dört ýanyna seredip duran Şirmet “Arçyn eşek eken-ow, -diýip, hyrçyny dişledi.-Ýagşam bir dost-ýarlyk etdi, hossarlyk etdi, walla menem bir adam tanaýan ekenim”.
Şol wagt onuň gözlerini tegeläp, egnini gysyp durşy multfilmdäki eşek ýoldaşyndan hemişe göwni galýan Şrege meňzemänem duranokdy.
Soňra ol özüni rastlap:
– Bolýa, her niçigem bolsa, eşek dostumyň ýanyna baryp, bir minnetdarlyk bildireýin-diýip, öz ýanyndan hüňürdäp ýola düşdi.

***

Jokrama yssyny duýman, gumak ýol bilen gelýän Şirmediň ýasy dabany ýere degmeýär diýen ýaly. Onuň nämä göwni ýetmese-de, şu ýasy dabanyndan göwni bitýär, ýok, ýaş wagty şu ýasy dabany üçin gulluga almanlary üçinem däl, şunça ýyldan bäri ýeriň

üstünde göwnüni ýykman agyr göwresini minnetsiz göterip ýöreni üçin ol öz ýasy dabanyndan minnetdar.
Obanyň içi birhili gum-gukluk, edil hemme göçüp gidene meňzeýär. Ähtimal hemmeler salkyn otaglaryna girip, günortan ukusyna galyp bolupyrlar.
Birdenem Şirmet aýylganç şatyrdy eşidip diňşirgenip durdy. Başyny galdyryp gözlerine ynanmady. Çagalar bagynyň jaýyndan göterilýän gara tüsse asmana ýetýärdi. Jaýyň diwarlaryny hem gyzyl ýalynyň dilleri gabsap alypdy. Oduň howrundn ýaňa jaýyň taýak atym golaýyna barar ýaly däldi. Ot ýakyp, eredip barýardy.
Ýeri şu wagt şeýle bolaýmalymy diýip Şirmet başyny ýaýkady. Näme etmelidigini oýlap oturmaga wagtam ýokdy. Ýöne bir aýylganç zadyň boljakdygy görnüp durdy. Bu dowzahyň içinden çagajyklaryň diri sypyp bilmegi mümkin däldi.
Gijä galyp gelen oba adamlary alaçsyz elewireşýärdiler eneleriň eňreşýän sesleri bagryňa ot bolup ýapyşýardy.
Şirmet çagalar bagynyň beýle tarapyna ylgady. O tarapa ot entek gelip ýetişmändi. Ýöne bu tarapda ne penjire, ne-de gapy bardy. Şirmet “Gapy açmak meselemi maňa” diýýän ýaly töweregine garanjaklady. Çagalar bagyna ýanaşyk howluda duran traktora gözi düşen dessine “Ýaş ýigit wagtym Anna çalyň traktoryny alyp gaçyp sürýärdig-ä” diýip, ýigitlik döwrünem ýada salybam ýetişdi.
Ol wagt ýitirmän traktory otlap, çagalar bagyna tarap sürüp gaýtdy. Şol gelşine-de traktoryň öňi bilen süsňedip, diwaryň bir bölegini bölüp taşlady.

***

Çagalar halas edildi. Birjiginiňem bitiniň burnam ganamandyr. Başy asmana ýeten oduň içinden alla şükür bary aman-esen, sag-saglam çykdylar. Başy asmana ýeten ene-atalar hele-müçek gorkmadylar. Tüsseden zäherlenenlerem bar. Ene-atalaram erbet basga düşdüler.
Äpet pürsüň üstünde oturan Şirmediň ýüzi-gözi oda gowja çawlanypdyr, gaş-kirpigi ütülipdir. Tirsegi sypjyrylypdyr. Ol

bir ýerlerden ýeňiljek öwsýän şemala yranyp oturan baglary synlap uludan dem aldy. Soňra öň tarapy ýemşerip ýatan traktora seredip, kişiniň abat duran zadynam-a zaýa etdik diýip, ýeňsesini gaşady.
Oba arçyny hemişeki ýaly iň soňundan gelýän ýangyn söndürijiler toparynyň ýolbaşçysyna “Ine, biziň gahrymanymyz, ine biziň pähliwanymyz, muňa orden bermeli- diýip, Şirmedi görkezýärdi.-Ynha, şu pähliwanymyz diwary bir egni bilen süýşürip taşlady-da, çagalary halas etdi”.
Oňa Şirmet döw ýa-da Şrek diýip sögýän çagalar indi özleriniň halasgärine näme diýip ýüzlenjeklerini bilenokdylar. Oňa üns bermän ýangynda heläk bolan ýaly halymsyraýan çagalar hem bardy. Arasynda biraz utanýan ýaly görünýänem bardy, ýöne indi hemmesi ony eý görüp Şirmet dädemiz diýip, söýgülemäge hem, razydylar.
Bir ýerlerden ýetip gelen arçyn Şirmediň oda ütülen egnine elini goýup:
– Şirmet jan-diýip, ony mähir bilen ogşaýjak bolýardy.-Men bar-a obanyň orruk-merkezinden, mes toprakly ýerden saňa mellek berdirýän. Eşidýäňmi! Sen balotada ýaşamaly ynsan däl. Sen bar-a ýagşyzada sen…
Şirmet onuň ýüzüne perwaýsyz nazar aýlap ýerinden turdy. Çagalara hem ýaltanmaç seredip, soňam hiç zat diýmän gidiberjek boldy-da, ýene säginip:
– Taňryýalkasyn arçyn aga-diýdi.-Sylanyň üçin sag bol, ýöne meniň şol batalykdaky mellegime degmeseňiz bolýar. Men barybir siziň araňyzda ýaşabilmerin. Maňa öz batgalygym bes.

07.09.2020 ý.
Garagaç obasy. 23:54. Hekaýalar